Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2017-nji ýylyň 28-nji dekabrynda çykaran 428 belgili
**B U Ý R U G Y**

010.150.020
140.010.050

**Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň Tertibini tassyklamak barada**

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň,
halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk
namalarynyň Ýygyndysy, 2018 ý., № 1, 420-nji sahypa)

«Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji maddasyna hem-de «Ilata edilýän saglygy goraýyş hyzmatlaryny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda çykaran 384-nji kararyna laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2005-nji ýylyň 29-njy dekabrynda 367 san bilen bellige alnan, «Türkmenistanyň raýatlary bilen döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşmagy tertipleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2005-nji ýylyň 20-nji dekabrynda çykaran 161 belgili buýrugyny güýjüni ýitiren hasap etmeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary T. Siliýew gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N. Amannepesow**

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2017-nji ýylyň 28-nji dekabrynda çykaran 428 belgili buýrugyny bilen tassyklandy**

# Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň Tertibi

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty gurmuş taýdan goramak ministrligi hem-de Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşyldy*

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, «Ilata edilýän saglygy goraýyş hyzmatlaryny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda çykaran 384-nji kararyna, «Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegiň möçberini kesgirlemek üçin binýatlyk mukdary bellemek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 14-nji martynda çykaran PP-6543 belgili Permanyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 27-nji fewralynda çykaran 3608-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) hakynda Düzgünnama hem-de Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany (şu Tertibe goşundy) baglaşmak bilen bagly taraplaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň maksady - raýatlaryň syrkawlan, zähmete ukyplylygyny ýitiren we gaýry halatlarynda saglygy goraýyş kömegi, saglygy goraýyş hyzmaty hem-de derman serişdeleri bilen ýeňillikli üpjün etmek bolup durýar.

3. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň amala aşyrylmagy raýatlaryň saglygyny durmuş taýdan goramaklygyň esaslaryny berkitmeklige hem-de ilata saglygy goraýyş kömeginiň, saglygy goraýyş hyzmatlarynyň we derman serişdeleriniň elýeterliligini artdyrmaklyga gönükdirilendir.

4. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň taraplary bolup, Türkmenistanyň raýaty (mundan beýläk - raýat), eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalary, edaralary we guramalary (mundan beýläk - kärhana), pensiýa gaznasynyň ýerli edaralary ýa-da raýatyň okaýan edarasy hem-de Saglyk öýleri çykyş edýärler.

**II. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň, döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegleri hasaplamagyň we olary Ministrligiň maksatlaýyn ýörite hasabyna geçirmegiň tertibi**

5. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy raýatyň kärhananyň ýa-da pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynyň ýolbaşçysynyň adyna (ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslar, döredijilik işgärleri, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar - ýerli Saglyk öýüniň ýolbaşçysynyň adyna) berlen arzasynyň esasynda ätiýaçlandyrmaga gatnaşýanlaryň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda amala aşyrylýar we üç nusgada resmileşdirilýär, olaryň biri ätiýaçlandyrylan raýata, ikinjisi kärhana ýa-da pensiýa gaznasynyň ýerli edarasyna, üçünjisi ýazga duran ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça Saglyk öýüne berilýär.

6. Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslar, döredijilik işgärleri, daýhan hojalygyny alyp barýan, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar üçin Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnama iki nusgada baglaşylýar, olaryň biri raýata, beýlekisi ýerli Saglyk öýüne berilýär.

7. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany aşakdaky tertipde, ýagny:

işleýän raýatlar esasy iş ýeri boýunça, işleýän pensionerler işleýän ýeri ýa-da pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynda;

başlangyç hünär, orta hünär, ýokary hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirýän talyplar, şeýle hem diňleýjiler, işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlar, okaýan edaralarynda;

pensiýa bellenilen işlemeýän pensiýa alýan, şeýle hem döwlet kömek puluny alýan raýatlar (muňa çaga seretmek boýunça rugsatda bolýanlar degişli däldir) - pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynda;

ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslar, döredijilik işgärleri, daýhan hojalygyny alyp barýan, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar - ýazga duran ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça ýerli Saglyk öýlerinde baglaşýarlar.

8. Ätiýaçlandyryş şertnamasy işleýän, pensiýa, döwlet kömek puluny alýan raýatlar, talyplar, diňleýjiler we işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlar üçin ätiýaçlandyrylan gününden, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar üçin şertnama baglaşylan we ilkinji döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegini (mundan beýläk - ätiýaçlandyryş gatanjy) tölän gününden güýje girýär.

9. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnama kärhananyň, pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ýa-da raýatyň okaýan edarasynyň ýolbaşçysynyň bellän jogapkär işgäri tarapyndan resmileşdirilýär. Raýatyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň nusgasynyň esasynda jogapkär işgär tarapyndan Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyna ätiýaçlandyrylan raýatyň eklenjinde bolan 18 ýaşyna ýetmedik çagalary (mundan beýläk - eklenjindäkiler) barada maglumat girizilýär.

Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamanyň nusgalary Ministrligiň «Lukmançylyk enjamlary» önümçilik birleşigi we onuň şahamçalary tarapyndan taýýarlanylýar.

10. Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportlary Ministrlik tarapyndan taýýarlanylýar we Saglyk öýleri tarapyndan kärhanalara, pensiýa gaznasynyň ýerli edaralaryna, raýatyň okaýan edaralaryna hem-de raýatlara berilýär. Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportlary berk hasabatlylykdaky resminamalar bolup durýar.

11. Ätiýaçlandyrylan raýatlaryň zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, diňleýji haklarynyň hem-de işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlaryň alýan haklarynyň, pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň, girdejileriniň döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegiň möçberini kesgitlemegiň binýatlyk mukdarynyň 3 göterimi derejesinde bellenen ätiýaçlandyryş gatanjy bellenilen tertipde Ministrligiň maksatlaýyn ýörite hasabyna geçirilýär.

12. Ätiýaçlandyrylan, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar tarapyndan Ministrligiň maksatlaýyn ýörite hasabyna her aýda döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegiň möçberini kesgitlemegiň binýatlyk mukdarynyň 3

göterim derejesinde ätiýaçlandyryş gatanjy Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralaryna geçirilýär hem-de şol gatanjyň geçirilendigi barada Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyna bellik edilýär.

13. Kärhananyň, pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ýa-da raýatyň okaýan edarasynyň hasaphanasy tarapyndan aýlyk ätiýaçlandyryş gatançlarynyň tölenendigi barada Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyna degişli bellik girizilýär. Bellik baş buhgalteriň ýa-da jogapkär işgäriň goly we kärhananyň möhürçesi bilen güwä geçilýär. Kärhananyň ýa-da pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň töleg boýunça bellik etmek üçin niýetlenilen hususy möhürçesi kärhananyň hasabyna ýasalýar.

14. Kärhananyň, pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ýa-da raýatyň okaýan edarasynyň ýolbaşçysy we baş buhgalteri ätiýaçlandyrylan işgärleriň Ministrligiň maksatlaýyn ýörite hasabyna ätiýaçlandyryş gatançlaryň öz wagtynda we doly geçirilmegi üçin jogapkärçilik çekýärler.

15. Ätiýaçlandyrylan raýat, ol işden çykanda, başga işe geçende (wagtlaýyn işlemeýän ýagdaýynda), ýazga duran ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri üýtgände ilki bilen Saglyk öýüne, ondan soňra kärhananyň ýa-da pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ýolbaşçysynyň adyna baglaşan döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamasyny ýatyrmak barada arza bilen ýüz tutýar.

Ätiýaçlandyrylan raýat şu halatlarda kärhananyň jogapkär işgärine Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny gaýtarmaly däldir, ýagny:

işden çykanda, (başga işe geçirilen ýagdaýynda), raýata bagly bolmazdan Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, üç aýa we on iki aýa çenli zähmet haky tölenilmeýän rugsatda bolan döwründe, şeýle hem göwrelilik we çaga dograndygy boýunça rugsadyna, çaga seretmek boýunça rugsadyna çykan ýagdaýynda.

Şunda, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilendigi we işden çykarylandygy barada maglumat» sahypasyna degişli bellik edilýär, oňa gol çekilýär we kärhananyň möhüri goýulýar.

Raýat başga işe geçen ýagdaýynda, ol kärhananyň ýolbaşçysy bilen döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakynda täze şertnamasyny baglaşýar we Saglyk öýüne şertnamanyň bir nusgasyny tabşyrmak bilen ol gaýtadan hasaba alynýar.

Şunda, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilendigi we işden çykarylandygy barada

maglumat» sahypasyna degişli bellik edilýär, oňa gol çekilýär we kärhananyň tugraly möhüri goýulýar.

Raýata bagly bolmazdan, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, üç aýa we on iki aýa çenli zähmet haky tölenilmeýän rugsatda bolan döwründe ýa-da raýat işden çykandan soň wagtlaýyn işlemeýän bolsa, Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasporty yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar üçin bellenilen tertipde peýdalanylýar.

Raýatyň ýazga duran ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň (şäher, etrap, welaýat) üýtgän ýagdaýynda, ätiýaçlandyrylan raýat tarapyndan ilki ýaşaýan ýerindäki ýerli Saglyk öýi bilen baglaşylan şertnamasy ýatyrylýar we raýatyň täze gelen ýerindäki ýerli Saglyk öýünde Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny hasaba aldyrmak bilen, täze döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşýar.

Şunda, raýatyň täze gelen ýerindäki ýerli Saglyk öýi tarapyndan ätiýaçlandyrylýan raýatyň Türkmenistanyň raýatynyň ätiýaçlandyryş pasportynyň degişli sahypasyna bellik edilýär, Saglyk öýüniň ýolbaşçysynyň goly çekilýär we şol Saglyk öýüň tugraly möhri goýulýar.

16. Ätiýaçlandyrylan raýat döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany gutarnykly ýatyrmaga isleg bildiren ýagdaýynda, ol tarapyndan kärhananyň (pensiýa, döwlet kömek puluny alýan raýatlar pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynyň) ýa-da okaýan edarasynyň ýolbaşçysynyň adyna arza berilýär we kärhananyň, pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ýa-da okaýan edarasynyň jogapkär işgärine (yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar - ýerli Saglyk öýüniň jogapkär işgärine) Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasporty gaýtarylyp berilýär, jogapkär işgär tarapyndan raýatyň ätiýaçlandyryş pasportyny hasapdan çykarmak barada güwänama düzülýär.

Ätiýaçlandyrylan raýatyň öz islegi boýunça döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany islendik pursatda ýatyrmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyrylan raýatyň Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň ýiten ýagdaýynda, bu barada degişli Saglyk öýüne raýat tarapyndan habar berilýär.

## III. Ätiýaçlandyrylan raýatlaryň hukuklary we borçlary

17. Ätiýaçlandyrylan raýatyň:

döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça Saglyk öýünden maglumatlary almaga;

islendik pursatda döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany ýatyrmaga;

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen tassyklanylan Sanawa girizilen derman serişdelerini, olaryň bahasynyň 50 göterimi möçberinde arzanladylan görnüşinde döwlet dermanhana edaralaryndan satyn almaga;

döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş-öňüni alyş edaralarynda (şypahanalarda bolsa, ýylyň dowamynda 1 gezek) tölegli saglygy goraýyş kömeginiň we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini, olaryň bahasynyň 50 göterimi möçberinde arzanladylan görnüşinde almaga;

döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça hukuklaryny goramak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr.

18. Ätiýaçlandyrylan raýat:

gerek bolan maglumatlary bermäge;

saglygy goraýyş kömegini almak üçin döwlet ulgamyna degişli islendik saglygy goraýyş edarasyna ýüz tutan ýa-da döwlet dermanhana ulgamyndan derman serişdelerini satyn alan ýagdaýynda şu Tertibe laýyklykda resmileşdirilen we ätiýaçlandyryş gatançlarynyň tölenilendigi barada bellikleri bolan Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny görkezmäge;

meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamasynyň hereket edýän döwründe we oňa laýyklykda, zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, diňleýji haklarynyň hem-de işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlaryň alýan haklarynyň, pensiýalarynyň we döwlet kömek pullarynyň hem-de girdejileriniň,yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar üçin bolsa – döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegiň möçberini kesgitlemegiň binýatlyk mukdarynyň 3 (üç) göterimi derejesinde bellenen ätiýaçlandyryş gatanjyny geçirmäge;

işden çykan, başga iş ýerine geçen (ýa-da wagtlaýyn işlemeýän), ýazga duran ýa-da köplenç ýaşaýan ýerini üýtgeden ýagdaýynda, bu barada şertnamanyň tarapy bolup çykyş edýän Saglyk öýüne habar bermäge;

Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny ýitiren ýagdaýynda, bu barada şertnamanyň tarapy bolup çykyş edýän Saglyk öýüne habar bermäge;

döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine täsir edýän üýtgeşmeler barada, bu üýtgeşmeler ýüze çykan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda Saglyk öýüne habar bermäge borçludyr.

## IV. Saglygy goraýyş edaralaryň hukuklary we borçlary

19. Saglygy goraýyş edaralary ätiýaçlandyrylan raýatlary we olaryň eklenjindäkileri ýeňillikli tölegli saglygy goraýyş kömekleri we saglygy goraýyş hyzmatlary bilen üpjün etmelidirler, döwlet dermanhanalary bolsa - Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen tassyklanylan Sanawa laýyklykda, lukmanyň dermannamasy boýunça degişli derman serişdelerini ýeňillikli ýagdaýda goýbermelidirler.

20. Her aýda tölenilen ätiýaçlandyryş gatançlarynyň hasaba alynmagy, şeýle hem Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň »Işe kabul edilendigi we işden çykandygy barada maglumat» sahypasyna goýlan bellik bilen hödürlenilen saglyk ätiýaçlandyryş pasporty, ätiýaçlandyrylan raýata we onuň eklenjindäkilere ýeňillikli tölegli saglygy goraýyş kömeklerini we saglygy goraýyş hyzmatlaryny etmek hem-de derman serişdelerini ýeňillikli goýbermek üçin esas bolup durýar.

21. Raýata bagly bolmadyk ýagdaýlara görä, degişli ätiýaçlandyryş gatançlaryň tölenilmedik halatlaryndan başga halatlarda, soňky 3 aýyň dowamynda ätiýaçlandyryş gatançlary tölenilmedik we Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasporty wagtynda resmileşdirilmedik bolsa, onda Saglyk öýi döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany birtaraplaýyn ýatyrýar.

Raýat saglygy goraýyş edarasyna bejergä ýerleşip, saglygy goraýyş hyzmatlary berilenden soň şertnama baglaşan bolsa, raýata we onuň eklenjindäkilere ýeňillikli tölegli saglygy goraýyş hyzmatlaryny etmek hem-de derman serişdelerini ýeňillikli goýbermek degişli däldir.

## V. Ministrligiň hem-de saglygy goraýyş edaralaryň wezipeleri

22. Ministrlik hem-de saglygy goraýyş edaralary ätiýaçlandyrylan raýatlara we olaryň eklenjindäkilere saglygy goraýyş ulgamynyň bejeriş-öňüni alyş, şol sanda şypahana edaralary tarapyndan tölegli saglygy goraýyş kömekleri we saglygy

goraýyş hyzmatlary berilen ýagdaýynda, şol raýatlara ýeňillikleriň berlişine hem-de derman serişdeleriniň ýeňillikli goýberilişine gözegçiligi üpjün edýärler.

## VI. Döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça taraplaryň borçlary

23. Kärhana şertnamanyň dogry resmileşdirilmegi, raýata Türkmenistanyň raýatynyň saglygy ätiýaçlandyryş pasportynyň berilmegi, oňa eklenjindäkileriň takyk girizilmegi, ätiýaçlandyryş pasportynyň «Işe kabul edilendigi we işden çykandygy barada maglumatlar» sahypasyna degişli belligiň edilmegine jogapkärdir.

24. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ätiýaçlandyrylan raýatyň ýazmaça arzasy esasynda kärhana, pensiýa gaznasynyň ýerli edaralary ýa-da okaýan edarasy onuň zähmet hakyndan (talyp we diňleýji hakyndan hem-de işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlaryň alýan haklaryndan, pensiýasyndan, döwlet kömek pulundan) binýatlyk mukdarynyň 3 göterim derejesinde ätiýaçlandyryş gatanjyny her aýda tutup almaga, şol gatanjy Ministrligiň maksatlaýyn ýörite hasabyna wagtynda geçirmäge hem-de Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynda ätiýaçlandyryş gatançlarynyň tölenendigi barada degişli belligi goýmaga, blanklaryň abat saklanylmagyna, kärhanada, pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynda ýa-da okaýan edarasynda döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň barşy barada ýerli Saglyk öýüne her aýda maglumat ibermäge jogapkärdirler.

25. Saglyk öýi yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslar, döredijilik işgärleri, daýhan hojalygyny alyp barýan raýatlar bilen olaryň arzalary esasynda şertnamanyň resmileşdirilmegine, olara Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynyň berilmegine, oňa eklenjindäkileriň girizilmegine jogapkärdir.

26. Saglygy goraýyşyň bejeriş-öňüni alyş edaralary we döwlet dermanhanalary ätiýaçlandyrylan raýatlara, olaryň eklenjindäkilere saglygy goraýyş kömekleriniň we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hem-de ýeňillikli derman serişdelerini goýbermegiň hiliniň pesligi we öz wagtynda ýerine ýetirilmezligi üçin jogapkärçilik çekýär.

27. Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça taraplaryň arasynda ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülýär.

**Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň Tertibine goşundy**

# Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakynda ŞERTNAMA

« ___ » ____________ 20 __ ýyl                                        Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň raýaty ______________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)

_____ ýylyň ____________ aýynyň « ____ » doglan _________________________

_____________________________________________________ salgyda ýaşaýan

(ýaşaýan ýeriniň salgysy, telefony)

pasportynyň tapgyry ____ belgisi ________ ______ ýylyň __________ aýynyň « ____ » ____________________________________________________________

(kim tarapyndan)

tarapyndan berilen, mundan beýläk «Ätiýaçlandyrylan şahs» diýip atlandyrylýan birinji tarapdan, «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we Düzgünnama (tertipnama) esasynda hereket edýän ___________________________________________________ ýolbaşçysy

(saglyk öýüniň ady, ýuridik salgysy)

_________________________________________________________________

(ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

mundan beýläk «Ätiýaçlandyryjy» diýip atlandyrylýan ikinji tarapdan, Düzgünnama (tertipnama) esasynda hereket edýän Türkmenistanyň raýatynyň işleýän «Kärhanasynyň», «pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň» ýa-da «okaýan edarasynyň» ýolbaşçysy

_________________________________________________________________

(kärhananyň, pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ýa-da okaýan edarasynyň ady

_________________________________________________________________

(ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

üçünji tarapdan, bilelikde agzalanda «Taraplar» diýip atlandyrýanlaryň arasynda şu şertnama (mundan beýläk – Şertnama) baglaşyldy.

## 1. Şertnamanyň mazmuny

Şu şertnamanyň mazmuny - raýatlaryň syrkawlan, zähmete ukyplylygyny ýitiren we gaýry halatlarynda saglygy goraýyş kömegi, saglygy goraýyş hyzmaty

hem-de derman serişdeleri bilen ýeňillikli üpjün etmek maksady bilen, döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy bolup durýar.

## 2. Taraplaryň hukuklary

2.1. Ätiýaçlandyrylan şahsyň:

döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça Ätiýaçlandyryjydan maglumatlary almaga;

islendik pursatda şu Şertnamany ýatyrmaga;

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen tassyklanylan Sanawa girizilen derman serişdelerini, olaryň bahasynyň 50 göterimi möçberinde arzanladylan görnüşinde döwlet dermanhana edaralaryndan satyn almaga;

döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş-öňüni alyş edaralarynda (şypahanalarda bolsa, ýylyň dowamynda 1 gezek) tölegli saglygy goraýyş kömekleriniň we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini, olaryň bahasynyň 50 göterimi möçberinde arzanladylan görnüşinde almaga;

döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça hukuklaryny goramak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr.

2.2. Ätiýaçlandyryjynyň:

ätiýaçlandyrylan şahsdan bellenen tertipde we möhletlerde ätiýaçlandyryş gatançlaryny we maglumatlary almaga hukugy bardyr.

## 3. Taraplaryň borçlary

3.1. Ätiýaçlandyrylan şahs:

gerek bolan maglumatlary bermäge;

şu Şertnamanyň hereket edýän döwründe we oňa laýyklykda, zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, diňleýji haklarynyň hem-de işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlaryň alýan haklarynyň, pensiýalarynyň we döwlet kömek pullarynyň, girdejileriniň, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlar üçin – döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegiň (mundan beýläk – ätiýaçlandyryş gatanjy) möçberini kesgitlemegiň binýatlyk mukdarynyň 3 (üç) göterimi derejesinde bellenen ätiýaçlandyryş gatanjyny geçirmäge;

saglygy goraýyş kömegini almak üçin döwlet ulgamyna degişli islendik saglygy goraýyş edarasyna ýüz tutan ýa-da döwlet dermanhana ulgamyndan derman serişdelerini satyn alan ýagdaýynda Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň şertnamany baglaşmagyň tertibine laýyklykda resmileşdirilen we ätiýaçlandyryş gatançlarynyň tölenilendigi barada bellikleri bolan Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryşpasportyny görkezmäge;

işden çykan, başga iş ýerine geçen (ýa-da wagtlaýyn işlemeýän), ýazga duran ýa-da köplenç ýaşaýan ýerini üýtgeden ýagdaýynda, bu barada Ätiýaçlandyryja habar bermäge;

Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny ýitiren ýagdaýynda, bu barada Ätiýaçlandyryja habar bermäge;

şu Şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine täsir edýän üýtgeşmeler barada, şol üýtgeşmeleriň ýüze çykan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda Ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr.

3.2. Ätiýaçlandyryjy:

şu Şertnamany baglaşan Ätiýaçlandyrylan şahsa Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny bermäge;

Ätiýaçlandyrylan şahsa bagly bolmadyk ýagdaýlara görä, degişli tölegleriň tölenilmedik halatlaryndan başga halatlarda, soňky 3 aýyň dowamynda ätiýaçlandyryş gatançlary tölenilmedik we Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasporty wagtynda Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnamany baglaşmagyň Tertibine laýyklykda resmileşdirilmedik bolsa, şu Şertnamany birtaraplaýyn ýatyrmaga;

döwlet bejeriş-öňüni alyş edaralary arkaly ätiýaçlandyrylan şahslara, olaryň eklenjindäkilere tölegli saglygy goraýyş kömekleriniň we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşleri üçin ýeňillikleriň berilmegine;

döwlet dermanhana edaralary arkaly lukmanyň dermannamalary boýunça derman serişdeleriniň ýeňillikli goýberilmeginiň üpjün edilmegine borçludyr.

3.3. Kärhana, pensiýa gaznasynyň ýerli edaralary ýa-da okaýan edarasy:

ätiýaçlandyrylan şahsyň arzasy esasynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportyny resmileşdirmäge;

şu Şertnamanyň hereket edýän döwründe we oňa laýyklykda, zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, diňleýji haklarynyň hem-de işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak maksatnamalaryny, şeýle hem hünär taýýarlygy maksatnamalaryny özleşdirýän raýatlaryň alýan haklarynyň, pensiýalarynyň we döwlet kömek pullarynyň – döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça tölegiň möçberini kesgitlemegiň binýatlyk

mukdarynyň 3 (üç) göterimi derejesinde bellenen ätiýaçlandyryş gatanjynyň tutulyp alynmagyna we onuň Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna wagtynda geçirmäge;

Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasportynda ätiýaçlandyryş gatanjynyň tölenendigi barada degişli belligiň goýulmagyna, kärhanada, pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynda ýa-da okaýan edarasynda döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň alynyp barşy barada Ätiýaçlandyryja her aýda maglumatyň iberilmegine borçludyr.

## 4. Taraplaryň jogapkärçiligi

Şu Şertnama boýunça kabul edilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmedik ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda taraplar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## 5. Şertnama üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmegiň we ýatyrmagyň şertleri

Şu Şertnama baglaşylandan soňra onuň şertleriniň üýtgedilmegi ýa-da oňa goşmaçalaryň girizilmegi diňe taraplaryň ylalaşygy boýunça girizilip biliner, şunda üýtgetmeler we goşmaçalar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmelidir.

Raýata bagly bolmadyk ýagdaýlara görä, degişli ätiýaçlandyryş gatançlaryň tölenilmedik halatlaryndan başga halatlarda, soňky 3 aýyň dowamynda ätiýaçlandyryş gatançlary tölenilmedik we Türkmenistanyň raýatynyň saglyk ätiýaçlandyryş pasporty wagtynda resmileşdirilmedik bolsa, onda Saglyk öýi şertnamanyň taraplaryny deslapdan ýazmaça habarly etmek bilen şu şertnamany birtaraplaýyn ýatyrmaga haklydyr.

Ätiýaçlandyrylan şahs şertnamanyň taraplaryny deslapdan ýazmaça habarly etmek bilen islendik pursatda şu şertnamany ýatyrmaga haklydyr.

## 6. Şertnamanyň hereket edýän möhleti

Şertnama gol çekilen senesinden başlap güýje girýär we Taraplar tarapyndan şu Şertnama laýyklykda ýatyrylmagyna çenli hereket edýär.

Şu Şertnama 3 nusgada düzüldi, olaryň her biriniň birmeňzeş hukuk güýji bardyr. Taraplaryň her birinde şu Şertnamanyň bir nusgasy saklanýar.

| **«Ätiýaçlandyrylan şahs»** | **«Ätiýaçlandyryjy»** | **«Kärhana», «pensiýa gaznasynyň** |
|---|---|---|
| ____________________ | ____________________ | |

**(goly)** **(goly)** **ýerli edarasy» ýa-da okaýan edarasy**

**M.Ý.**

**______________________**

**(goly)**

**M.Ý.**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi Tarapyndan 2018-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda döwlet belligine alnan. Bellige alyş sany 1124.**